# Kalp tary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kalp tary

KALP TARY

Ol gözeliñ dünýäsine,
Gör, kimseler gol uzatdy.
Öňýeteniñ ýeterinden,
Oñ dünýäsi has uzakdy.

Ýokdy onuñ dünýäsiniñ,
Şazadasy, han-begligi.
Ýokdy onuñ öz-özüni,
Arşda üwrän men-menligi.

Oñ dünýäsin gorap ýören,
Diñe haýa perdesidi.
Bardy onuñ hyýalynda,
"Takdyr" atly derdeseri.

Ol gözel öz dünýäsini,
Aýap ýördi geljegine.
Hanlygny-da, begligni-de,
Şol takdyryñ berjegine.

Ahyr takdyr ol gözeli,
Bir ýigide deñ görüpdir.
Çalynmadyk kalp taryna,
Yşkdan doly heñ beripdir.

Emma, gyzyñ çaljak heñin,
Ýigit ozal diñlän eken.
Takdyr kalplañ owazyna,
Gulak salman deñlän eken.

Müdümilik baglasa-da,

Gözel gyzy öz ýaryna.
Diñlenmejek heñ beripdir,
Takdyr onuñ kalp taryna.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular